Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# a) ATLARYN DÜŞÜM BİLEN ÜYTGEYIŞLERI

**232-nji gönükme.** Okaň. **Oraz, pagta, kelem** diýen atlaryň soňuna goşulan goşulmalara üns beriň, soňra olary dilden sözlem içinde getiriň.

1. Oraz, pagta, kelem.
2. Orazyň, pagtanyň, kelemiň.
3. Oraza, pagta, keleme.
4. Orazy, pagtany, kelemi.
5. Orazda, pagtada, kelemde.
6. Orazdan, pagtadan, kelemden.

**Nusga:** Oraz ikinji klasda okaýar. Orazyň kakasy mugallym. Pagtanyň çigidinden ýag alynýar.

**Atlar düşüm bilen üýtgeýärler. Türkmen dilinde alty sány düşüm bar: baş düşüm, eýelik düşüm, ýöneliş düşüm, ýeňiş düşüm, wagt-orun düşüm, çykyş düşüm. Düşümleriň her biri belli bir soraglara jogap bolýarlar.**

Turkmenkultur.com

| Düşümlerin atlary: | Düşümlerin soraglary: |
|---|---|
| 1. Baş düşüm. | Kim?, näme?, nire? |
| 2. Eýelik düşüm. | Kimiň?, nämäniň?, niräniň? |
| 3. Ýöneliş düşüm. | Kime?, näma?, nirä? |
| 4. Ýeňiş düşüm. | Kimi?, nämäni?, niräni? |
| 5. Wagt-orun düşüm. | Kimde?, nämede?,nirede? |

| | |
|---|---|
| 6. Çykyş düşüm. | Kimden?, nämeden?,nireden? |

Düşüm atlaryny we soraglaryny okaň, bulary ýat tutuň.

* * *

**233-nji gönükme.** Okaň we has gara ýazylan atlary göçüriň. Olaryň haýsy soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

## MERGEN WE SAPAR

**Mérgen** bilen **Sapar** bir klasda okaýarlar. Olar boş wagtlary oýnaýarlar. **Mergeniň** we **Saparyň** oňuşmaýan wagtyna duş gelmersiň.

Obamyzda **Sapara** we **Mergene** akyllyja oglanlar diýýärler. **Mergeni, Sapary** hemmämiz gowy görýäris. **Mergende, Saparda** görelde alar ýaly gowy häsiýetler bar. Olar ýaşululary sylaýarlar. Ýoldaslaryna kömek edýärler. Biz **Mergenden** we **Sapardan** görelde alýarys.

**häsiýet**

1. Hekaýanyň mazmunyny gürrüň edip beriň.

**2. Görelde almak** diýen aňlatmanyň manysyny kitabyňyzyň soňundaky sözlükden görüň we depderiňize göçüriň.

Turkmenkultur.com

* * *

**234-nji gönükme.** Köp nokatlaryň ýerine degisli

düşüm atlaryny ýazyp, düşüm bilen üýtgedilen atlary göçüriň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. | ... Gözel | ... Üzüm | ... Halaç |
| 2. | ... Gözeliň | ... Üzümiň | ...Halajyň |
| 3. | ... Gözele | ... Üzüme | ... Halaja |
| 4. | ... Gözeli | ... Üzümi | ... Halajy |
| 5. | ... Gőzelde | ... Üzümde | ... Halaçda |

6. ... Gőzelden ... Üzümden ... Halaçdan

**235-nji gönükme.** Düşüm bilen üýtgedilen atlary Okaňyňyzda, köp nokatlaryň ýerine düşümleriň atlaryny we soraglaryny aýdyň.

| | | |
|---|---|---|
| **..Aman** | **..towuk** | **...Aşgabat** |
| **...Amanyň** | **..towugyň** | **...Asgabadyň** |
| **...Amana** | **..towuga** | **...Aşgabada** |
| **...Amany** | **..towugy** | **...Aşgabady** |
| **...Amanda** | **..towukda** | **...Aşgabatda** |
| **...Amandan** | **..towukdan** | **...Aşgabatdan** |

Turkmenkultur.com

**Nusga:** Baş düşüm: Kim?

— Aman,

näme?

— towuk,

nire?

— Aşgabat ...

* * *

**236-nji gönükme.** Soraglara ýazuw üsti bilen jogap beriň. Has gara ýazylan soraglara jogap bolýán sözleriň haýsy düşümdedigini aýdyp beriň.

**Kim** Daşkende gitdi? **Näme** käkeleýär? **Nirede** Pagta köp ekilýär? **Kimiň** kakasy ussa? Siz **nirä**

gitdiňiz? Nämäni ýygmaga başladylar? **Nämäniň** çigidi köp? **Nirede** küşt ýaryşy geçirildi? Olar **nireden** geldi?

**237-nji gönükme.** Hekaýajygy Okaň. Has gara ýazylan atlaryň haýsy düşümdedigini aýdyp beriň.

## ORAZ AGANYŇ GÜRRÜNI

**Gumda** Oraz aga diýen bir **balçynyň** bardygyny eşidipdik. Dynç güni **Oraz agalara** gitdik. Biz barsak, **Oraz aga** bal bilen gök çay içip oturan eken. Oraz aga sorag berdik:

— Oraz aga, ýandaklar haýatlaryň üstünde-de gögerip otyrlar, olar nireden suw içyarler?

Oraz aga:

— Ogullarym, **ýandagyň** köki uzyn bolýar, **çeşme** näçe aşakda bolsa-da, ýandak şondan suw içmegi başarýan çöp. **Haýatyň** üstündäki ýandaklaryň köki hem örän çuňlukdan suw içýär — diýip jogap berdi.

1. Hekaýajygyň mazmunyny gürrüň edip beriň.

2. Hekaýajygy iki bölege bölüp, onuň her birine aýry sözbaşy tapyň.

-yň, -iň, -uň, -üň, -nyň, -niň **eýelik düşümiň goşulmasydyr.**

**Meselem:** Oraz - Orazyň, käşir-käşiriň, guş-guşuň, gül-gülüň, gaýçynyň, geçiniň.

**238-nji gönükme.** Hekaýajygy okaň we eýelik düşümiň goşulmasyny kabul eden atlary aýdyň.

## ŞATLYKLY GÜN



Şol gün Gül üçin iň hezil gün boldy. Gül birinji gezek çagalar bagyna gidýär. Ejesi Gülüň elinden tutup, ony çagalar bagyna alyp geldi.

Çagalar bagynda Gülüň özi ýaly körpejeler köpdi. Gül aňyrrakda Sonanyň, Geldiniň, Maralyň duranyny gördi.

Cagalaryň hemmesi tämiz geýnipdirler. Gül özi ýaly cagalaryň arasyna düşenine gaty begendi. Gül alyp gelen çemenini terbiýeçä gowşurdy.

1. Gül hakyndaky hekaýajygyň mazmunyny aýdyp beriň.

2. **Körpe** sözüniň manysyny düşündiriň.

**239-nji gönükme.** Okaň we eýelik düşüm bilen üýtgän atlary tapyp, depderiňize göçüriň.

1. Çarynyň ejesi haly dokaýar.

2. Geldiniň jigisi obamyzdaky- çagalar bagyna gatnaýar.

3. Kölün töweregi göm-gök ot bölüp ýatyr.

4. Çagalar bagynda gülüň her hilisi ösdürilip ýetişdirilýär.

5. Kakamyň işleýän kärhanasyna gezelenje gitdik.

6. Obanyň içinden geçýän ýabyň suwy süýji.

Göçüren sözleriňizdäki eýelik düşümiň goşulmalaryny aýdyp beriň.

**ganar**

**240-nji gönükme.** Göçüriň we eýelik düşümde gelen atlaryň aşagyny çyzyň.

1. Eseniň kitabyny gowşurdym.

2. Marynyň obalarynda pagta ekilýär.

3. Pagtanyň bir hanasyny hem zaýalamak bolmaz.

4. Berdiniň ýegeni gelipdir.

5. Günüň şöhlesi ösümlikler üçin peýdalydyr.

Turkmenkultur.com

Aşagyny çyzan atlaryňyza goşulan goşulmalary aýdyň. Şol sözler nähili soraglara jogap bolýarlar?

**-a, -e, -na,** -ne **ýöneliş düşümiň goşulmalarydyr.**

**Meselem:** Gurban-Gurbana, Senem-Seneme, dogany-doganyna, ejesi-ejesine.

**241-nji gönükme.** Okaň we ýöneliş düşümiň goşulmasyny kabul eden atlary aýdyp beriň.

1. Şöhrat geçen dynç güni oba gidipdir. Obada yaşayan garry enesine sowgat äkidipdir.

2. Myrat Sähet bilen ota gidipdir.

3. Ajap daýza agtygyna gurjak getirdi. Agtyjagy gurjaga begendi. Ol gurjagyna köýnek tikdi.

**242-nji gönükme.** Sözlemleri Okaň we göçüriň. Ýöneliş düşüm bilen üýtgän atlaryň aşagyny çyzyň.

1. Sona depderine surat çekipdir.

2. Biz şähere gitdik. 01 ýerde uly mekdebe bardyk. Mekdebiň okalgasyna hem girdik.

3. Gözel jigisine surat çekmegi öwredýär.

Aşagyny çyzan atlaryňyza goşulan ýöneliş düşümiň goşulmasyny we şol sözleriň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

**243-nji gönükme.** Aşakdaky baş düşümdaki atlary eýelik we ýöneliş düşümleri bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Guş, çay, Arçman, goýun, galam, aýdym, säher.

Nusga:

1. Eýelik düşüm: guşuň, caýyň, ...

2. Yöneliş düşüm: guşa, çaya, ...

| |
|---|
| **-y, -i, -ny,** -ni **ýeňis düşümiň goşulmalarydyr.**<br><br>**Meselem:** galam-galamy, depder-depderi, çaga-Çagany, geçi-geçini. |

**244-nji gönükme.** Okaň we ýeňis düşümiň goşulmasyny kabul eden atlary aýdyp beriň.

Turkmenkultur.com

1. Selbini, Durdyny Aşgabada gezelenje iberdiler.

2. Men ýaňy Aşyry, Gözeli gördüm.

3. Maňa şu kitaby kakam getirip berdi.

4. Sähet aga göläni meýdana kowdy.

5. Ekini suwarmak gerek.

6. Sygry sürä goşdum.

7. Men Maýany çagyryp geldim.

**Sürä goşmak** aňlatmasynyň manysyny düşündiriň.

**gezelenç**

**245-nji gönükme.** Okaň we ýeňis düşüm bilen üýtgän atlary depderiňize göçüriň.

1. Men bu galamy we depderi doganymdan aldym.

2. Myrady çagyrmaga Gurbany iberdim.

3. Şu towşany maňa Sähet berdi.

4. Ol Jereni görüpmi? Ýok, ol Jereni görmändir, Sonany görüpdir.

5. Selbini biziň hemmämiz tanaýarys.

6. Şu gazeti men siziň üçin aldym.

7. Men heniz Arçabili göremok.

Göçüren sözleriňize goşulan goşulmalary aýdyp beriň. Şol sözler nähili soraga jogap bolýarlar?

**gazet**

**246-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Ýeňis düşümde gelen sözleriň aşagyny çyzyň.

Turkmenkultur.com

1. Ol Amany, Baýramy, Kolýany we Näzigi görüpdir.

2. Gadam haltany otdan doldurypdyr.

3. Olar käsäni, çaýnegi ýuwuşdyrdylar.

4. Obany aýlanyp çykdyk, mekdebiň kitaphanasyny gördük.

Aşagyny çyzan atlaryňyzdaky ýeňiş düşümiň goşulmasyny we ol sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

**247-nji gönükme.** Aşakdaky baş düşümdaki atlary eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşümleri bilen üýtgediň we nusgada görkezilişi ýaly edip, depderiňize ýazyň.

Jöwen, üzüm, sogan, daýysy.

**Nusga:**

1. **Eýelik düşüm:** jöweniň, ...

2. **Ýöneliş düşüm:** jöwene, ...

3. **Ýeňis düşüm:** jöweni, ...

-da, -de, -nda, -nde **wagt-orun düşümiň goşulmalarydyr.**
**Meselem:** oba-obada, çäge-çägede, gyzy-gyzynda, eli-elinde.

**248-nji gönükme.** Okaň we wagt-orun düşümiň goşulmasyny kabul eden atlary aýdyp beriň.

1. Aşgabatda haýwanat bagy bar. Haýwanat bagynda haýwanlar saklanylýar.

2. Daýym şäherde işleýär. Olar Magtymguly köçesinde ýaşaýarlar.

3. Hallyda, Gőzelde, Sonada, Bikede, Muhammetde meňzeş galamlar bar.

4. Biz tomus dynç günlerimizde gök ýygmaga kömekleşeris.

4-nji sözlemdäki **gök** sözüniň manysyny sözlükden görüp öwreniň.

## ýanjyk

**249-nji gönükme.** Nakyllary we matallary okaň. Olaryň manysyny aýdyljak bolunýan zatlary öz sözüňiz bilen düşündiriň.

# NAKYLLAR

Aýda gelsin — aman gelsin.

Aýakda bolandan, **agyzda** bol.

**Göreşde** ataň bolsa-da ýyk.

Süýtde agzy bişen suwy üfläp içer.

# MATALLAR

Bir **derede** böwri alaja guş ýatyr (göz).

Bir **küýzede** iki suw,

Her haýsy bir tagamdyr (ýumurtga).

**Gyşda** erär, **ýazda** doňar (şor ýer).

Ýer astynda ýagly çybyk (ýylan).

iki uç, iki halka,

Ortasynda myhy bar (gaýçy).

Bir guş tutdum jany ýok,

Başyn kesdim gany yok,

Juýjesiniň sany ýok (gawun).

Has gara ýazylan atlaryň haýsy düşümdedigini we onuň goşulmasyny aýdyp beriň.

**250-nji gönükme.** Okaň we wagt-orun düşümde gelen atlary, onuň goşulmasyny aýdyp beriň.

Turkmenkultur.com

1. Döwlet ýanýoldan ýoräp barýardy. Onuň elinde gara ýanjygy, egninde mekdep geýimi, aýagynda sary köwşi bardy.

2. Biziň mekdebimizde ussahana bar. Ussahanada okuwçylar her hili zatlary ýasamagy öwrenýärler.

3. Olar obada ýaşaýan ekenler.

**Nusga:** eli-nde, mekdebimiz-de, ...

Göçüren atlaryňyzyň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

**251-nji gönükme.** Göçüriň we wagt-orun düşümiň goşulmasyny kabul eden atlaryň aşagyny çyzyň.

1. Gaýypda, Hallyda, Hojada, Begençde, Mämmetde bar. Olar dutary gowy çalýarlar.

2. Kelemde, almada, käşirde, adama ýokumly zatlar köp.

3. Köpet-ýyrtyjy haýwanlar bar.

Aşagyny çyzan atlaryňyzdaky wagt-orun düşümiň goşulmasyny aýdyp beriň.

## çalmak

**i gönükme.** Aşakdaky baş düşümdäki atlary ýeňiş, wagt-orun düşümleri bilen üýtgediň da görkezilişi ýaly edip, depderiňize ýazyň.

Ganar, käse, haly, serçe, eli.

**Nusga:**

**1. Ýeňiş düşüm:** haly-halyny, käse-käsäni, ...

**2. Wagt-orun düşüm:** haly-halyda,

käse-käsede, ...

-dan, -den, -ndan, -nden **çykyş düşümiň goşulmalarydyr.**

**Meselem:** depder-depderden, depderi-depderinden, kitap-kitapdan, kitaby-kitabyndan.

Turkmenkultur.com

* * *

**253-nji gönükme.** Okaň we çykyş düşümiň goşulmasyny kabul eden atlary aýdyp beriň.

1. Okuwçylar mekdepden gelýärler.

2. Biz Bibiden, Çarydan, Döwrandan, Baýramdan, Äşeden görelde alýarys. Olar oňat okaýarlar.

3. Şu gün okuwdan gelip, atamyň ýanyna gitjek.

4. Men Berdiden okamaga bir kitap aldym. Şol kitapdan iki goşgyny yat tutdum.

## gördüm

**254-nji gönükme.** Okaň, soňra çykyş düşümde gelen atlary göçüriň.

1. Men Gurbany obadan şähere gidýän ýoluň ugrunda gördüm.

2. Ol jigisiniň elinden tutup dur.

3. Oraz atasyndan, enesinden eşiden ertekilerini bize aýdyp berdi.

4. Bu uçar Daşoguzdan geldi.

Göçüren sözleriňizdäki çykyş düşümiň goşulmasyny we olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aydyň.

Turkmenkultur.com

**255-nji gönükme.** Aşakdaky baş düşümdäki atlary wagt-orun, çykyş düşümleri bilen üýtgediň we nusgada görkezilişi ýaly edip, depderiňize ýazyň.

Dary, depder, Daşoguz, deri, atasy.

**Nusga:**

**Wagt-orun düşüm:** dary-dary-da, ...

**Çykyş düşüm:** dary-dary-dan, ...

**256-nji gönükme.** Aşakdakylary göçüriň, düşüm goşulmalaryny ýatda saklaň.

| Düşümleriň atlary: | Düşümleriň goşulmalary: |
|---|---|

| | |
|---|---|
| 1. Baş düşüm.<br>2. Eýelik düşüm.<br>3. Ýöneliş düşüm.<br>4. Ýeňiş düşüm.<br>5. Wagt-orun düşüm.<br>6. Çykyş düşüm. | -yň, -iň, -üň, -uň, -nyň,-niň<br>-a, -e, -na, -ne.<br>-y, -i, -ny, -ni.<br>-da, -de, -nda, -nde.<br>-dan, -den, -ndan, -nden. |

**257-nji gönükme.** Nakyllary Okaň. Birinji we ikinji hatardaky nakyllaryň manysyny öz sözleriňiz bilen düşündiriň.

## NAKYLLAR:

1. Bal süýji, **baldan** bala süýji.
2. Myhman **atasından** uly.
3. Yagşy **söze** daş ýarylar.
4. Bugday nanyň bolmasa, bugday sözün ýokmudy?
5. **Balygyň** diriligi suw bilen. ;
6. **Ody özüne** bas, ötmese kesekä.

Turkmenkultur.com

Has gara ýazylan atlary göçürip alyň we olaryň haýsy düşümdedigini aýdyp beriň.

## matal

* * *

**258-nji gönükme.** Hekaýajygy Okaň we manysyny gürrüň edip beriň. Has gara ýazylan sözleriň haýsy düşümdedigini, olaryň düşüm goşulmalaryny, haýsy soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

## TOKAÝDA

**Kakam** tokaýa gitjekdigini aýtdy. Men begendim. Muny **Sapara** aýtdym. **Tokaýda** ýyrtyjylar köp diýip eşidýärdim. Ertesi mazaly şaýymyzy tutduk. Soňra ýola düşdük.

Biz tokaýa ýetdik. **Odunlardan** üýşürip, ot ýakdyk. Çay içdik. **Gün** ýaşdy. Biz ýatdyk. Kakam derrew uka gitdi. Birden gapdalda bir şatyrdy peýda boldy. Men kakamy turuzdym.

Kakam: — Ýatyber, ýolbars geçip gitdi — diýdi. Men **ýolbarsyň** giden ugruna seredip ýatdym.

«Tokaýda» diýen hekaýajygyň mazmuny boýunça başlanylyp goýlan meýilnamany dowam etdirip, depderiňize ýazyň.

**Meýilnama:**

1. Meniň begenjim.
2. Tokaý barada eşiden zatlarym.
3.

**ýolbars**

* * *

**259-njy gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan atlara sorag beriň we olaryň haýsy düşümdedigini aýdyň.

# BIZIŇ WATANYMYZ

Biziň **Watanymyz** — Türkmenistan. Ol Garaşsyz, baky Bitarap döwletdir. Biz **Türkmenistanda**

ýaşaýarys, işleýäris, okaýarys.

Watanymyz Türkmenistan **nebite,** gaza, pagta, bagana, maldarçylyga, hala örän baýdyr.

Turkmenkultur.com



**Biz nebitiň, pagtanyň, bagananyň, halynyň**

belli bir bölegini daşary ýurtlara satýarys. Oňa derek halkymyz üçin zerur zatlary alýarys. Biz näçe gowy işlesek, şonça gowy ýasaýarys Biziň Watanymyzyň paýtagty Aşgabat şäheridir.

Turkmenkultur.com